1296 **Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Milli kosmos agentligini döretmek hakynda**

Täze galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda ýurdumyzyň ykdysadyýetine ylmyň gazananlaryny giňden ornaşdyrmak, şeýle hem Türkmenistanda kosmos işini ýola goýmak, ösdürmek we kämilleşdirmek maksady bilen, **karar edýärin:**

1. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanynda Milli kosmos agentligini döretmeli.

2. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Milli kosmos agentliginiň üstüne Ýer ýüzüniň degişli çägine gözegçilik etmek, hemra aragatnaşygyny ýola goýmak, kosmos giňişligi bilen bagly ylmy-barlaglary geçirmek hem-de emeli hemrany Türkmenistanyň çäginden dolandyrmagy guramak wezipelerini ýüklemeli.

3. Şu Permanyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasarlary G. Mezilow, N. Şagulyýew, Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministri Ý. Berdiýew we Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Milli kosmos agentliginiň başlygy gözegçilik etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. maý aýynyň 30-y*
*№PP-5776*



# IKINJI BÖLÜM

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ KARARLARY

### TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ KARARY

1297 **Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň edara binasyny gurmak hakynda**

«Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyny» üstünlikli durmuşa geçirmek hem-de Aşgabat şäheriniň binagärlik-şähergurluşyk keşbini has-da gözelleşdirmek maksady bilen, **karar edýärin:**

1. Türkmenistanyň Prezidentiniň Diwanynyň Iş Dolandyryş Müdirligine Aşgabat şäheriniň Arçabil şaýolunyň ugrunda umumy meýdany 18 406 inedördül metr bolan Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň edara binasynyň taslamasyny düzmek we ony häzirki zaman enjamlary bilen üpjün edip, meýdany 39 051 inedördül metr bolan ýanaşyk ýerleri abadanlaşdyryp gurmak barada «Buig Batiman Internasional» fransuz kompaniýasy bilen goşulan baha üçin salgyt hasaba alynmanda umumy bahasy 71 050 000 (ýetmiş bir million elli müň) amerikan dollary bolan şertnamany baglaşmaga ygtyýar bermeli.

Gurluşyk işlerine 2011-nji ýylyň iýun aýynda başlamaly we binany 2013-nji ýylyň iýun aýynda başlamaly we binany 2013-nji ýylyň iýun aýynda ulanmaga tabşyrmaly.

2. Şu kararyň 1-nji bölüminde görkezilen şertnamanyň bahasyny Türkmenistanyň döwlet serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirmeli.

3. Türkmenistanyň Merkezi banky potratçy öz borçnamalaryny ýerine ýetirmedik halatda serişdeleriň gaýtaryljakdygy barada birinji derejeli ýewropa bankynyň kepilnamasy berlenden soň, «Buig Batiman Internasional» fransuz kompaniýasyna şertnamanyň goşulan baha üçin salgyt hasaba alynmandaky bahasynyň ýüzden 25 bölegi – 17 762 500 (on ýedi million ýedi ýüz altmyş iki müň bäş ýüz) amerikan dollary möçberde hakujuny tölemeli.

4. Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň ýanyndaky Ýer serişdeleri gullugy Aşgabat şäheriniň häkimligi bilen bilelikde şu kararyň 1-nji bölüminde görkezilen binany gurmak üçin ýer bölegini bermek boýunça namalary bellenen tertipde resmileşdirmeli.